# Köl boljak bol!..

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Köl boljak bol!.. DUZ WE SUW

Bir pir öz sopusynyň haýsydyr bir zatlardan yzygiderli nägile bolmagyndan, ownuk iňirdisinden ýaňa bizar-peteňi çykypdyr… Onsoň ol bir gün sopusyny duz almaga iberipdir. Durmuşyndaky hemme zatdan zeýrenip ýören ýaňky sopy buýrulan ýumşy bitirip gelensoň, bir gysym duzy bir bulgur suwa atyp içmegi tabşyrýar. Sopy duzly suwdan owurtlap-owurtlamanka agzyndaky şerebäni tüýkürinmäge başlaýar. Sopy «Tagamyny niçik gördüň?» diýen pirine ýüzüni bürüşdirip «Ýürek bulaýjy, içer ýaly däl!» diýip jogap berýär. Pir ýylgyrýar-da, sopusynyň golundan tutýar we ony daşary çykarýar. Sesini çykarman ony golaýdaky kölüň boýuna äkidýär… Ol bu gezegem sopusyna köle bir gysym duz atmagy we kölüň suwundan içmegi tabşyrýar. Sorag ýene gaýtalanýar: «Tagamyny niçik gördüň?»
«Hiç neneň däl eken» diýip jogap beren sopy «Duzuň tagamyny aldyňmy?» diýip soran pirine-de «Ýok!» diýip jogap berýär.
Pir soňra suwuň gyrasynda çök düşüp duran sopusynyň gapdalyna geçip oturýar we oňa şeýle diýýär:

«Durmuşdaky dert-aladalaram edil duz ýalydyr: ne-hä az, ne-de köp. Dert-aladalar hemişe belli bir mukdarda bolýar. Emma dert-aladanyň çökderligi nämäniň içine salnyp berilýänligine baglydyr. Dert başyňa inende, ýerine ýetirilmegi hökmany bolan ýeke-täk bir iş bar: Olam başyňa inen dert bilen baglanşykly duýgularyň örüsini giňeltmek. Şonuň üçin indi senem bulgur boljak bolup ýörme, köl boljak bol!» Halk döredijiligi we rowaýatlar